# Gadymy ikbaşlar

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gadymy ikbaşlar

GADYMY IKBAŞLAR

Küýze döwükleri, iş gurallary, tumarlar, möhürler, iňňebagjyklar, humlar, zergärlik önümleri, dürli kosmetiki gutular… dürli taryhy döwürlerde adamlaryň näme bilen meşgul bolanlygyndan habar berýär.
Ýurdumyzda eneolit döwrüne degişli Tilkidepe, Daşlydepe, Akdepe, Owadandepe, Änewdepe, Garadepe, Altyndepe, Namazgadepe, Ýylgynlydepe, Göksüýri ýadygärlikleri we beýlekiler bar. Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde şol ýadygärliklerden tapylan ikbaşlar öz mynasyp ornuny tapdy.
Irki demir asyrynyň ikbaşlary Türkmenistanyň Änew medeniýetine degişli ýadygärliklerinde has-da ýaýrandyr. Ikbaş igiň aşaky ujuna geýdirilýän üsti ýasy, aşagy çowly, ortasy deşik enjam. Ol sapaga tow berlende agramlyk berip, ik gaty towlanar ýaly we onda tow berlen ýüplügi berk saklamak üçin ulanylýar. Ikbaşlary toýundan, keramiki gaplaryň diwarynyň bölekleriden, daşdan we süňkden ýasapdyrlar.
Ikbaşlaryň irki eneolit döwründen orta asyrlara çenli ulanylandygyna ýadygärliklerden tapylan ikbaşlar şaýatlyk edýär. Käbir alymlar ikbaşlar ot almak ýüň egirmek üçin we pul birligi hökmünde ulanylan bolmagy mümkin diýip çak edýärler. Ikbaşlar kähalatlarda pully hazynalaryň arasynda hem duş gelipdir.
Daşdan ýasalan ikbaşlar ýasy, tegelek disk görnüşinde bolupdyr. Ikbaşlar süňkden seýrek ýasalypdyr. Toýundan ýasalanlary, köplenç, ýasy we bikonik görnüşinde bolupdyr. Daş we toýun ikbaşlaryň ýüzüne çekilen nagyşlar tapawutlanypdyr, ýöne iki toparda-da göni hem tolkun çyzyklar, tegelek, atanak çyzyklar çekilipdir. Ikbaşlaryň az bölegi çukurjyklar bilen

bezelip, köp bölegi nagyşsyz bolupdyr. Nagyşlaryň manysy boýunça (üçburçluklar, Gün şöhleleri, göni we tolkun çyzyklar, atanak şekiller) ikbaşlar hasyllylyk we abadançylyk ýa-da ýokarky bölekleriniň üstündäki dört bölege bölünen kesme çyzyklar pasyllar dünýäniň dört tarapy ýa-da senenama (kalendar) bilen baglydyr diýip çak edilýär.

Bahar SADYKOWA,
Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň bölüm müdiri.

Taryhy makalalar